# Diri gömlen

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Diri gömlen

DIRI GÖMLEN

(Psihologik traktat)

"Ysraýylyñ aýallar armiýasyndan bir ofiser aýal hususy jaýyndan wagtynda çykmanlygy üçin, bir iordan işçisini beýhuş edip, ony diriligine jaýladypdyr".
Žurnalistiñ bloknotyndan.

Men nirede?
Men nirde?
Men nämüçin bu ýerde?
Ýok!
Ýok!
Men ýaşamak isleýän häli,
Gör, ynha, ýöräp dur damarda ganym.
Eşdip gykylygym, öýtmän siz däli,
Ýüregim-de urýar, diýmek, bar janym.

Bu görgür gözlermi biri dañdymy,
Bu ne garañkylyk, men zyndandamy?!
Bu ne ahwalatdyr,
Bu ne hadysa?
Meniñ şu ýatyşym huşummy-düýşüm?
Nirde siz üç oglum?
Ýarym Hatyja?
Eger soñky demi sanaýan bolsam,
Wesýetler edeýin, daşyma üýşüñ.

Ah, hiç kim gelmeýär. Bu ýer ne eýmenç?!.
Kim meni tümlügiñ içinde goýan?
Aýdyñ bu ýerlere men nädip düşdüm,

Barmydyr yns-jyns, ediñ siz aýan?

Görýän welin, bu ýer hatda türme däl,
Rowa görmändirler maña zyndany.
Meni öli öýdap gömdüren betpäl,
Aman saklamasyn seni-de pany.

Ýok!
Ýok!
Men ýaşamak isleýän häli,
Gör, ynha, at çapýar damarda ganlar,
Eşdip gykylygym öýtmäñ siz däli,
Mazaryñ duşundan geçip barýanlar,
Aýak seslerñizi eşidýärin men,
Ahu-zarlarymy eşideñzokmy?
Çaga ýüreginiñ rehimi bilen
Mazary açaýjak, bir ynsan ýokmy?

Ah, nädeýin, gozganybam bilemok,
Alaçsyz ýatyryn müñ derdeserde.
Indi bu halymdan habar aljak ýok,
Howa ýetmezçilik edýär bu ýerde.

…Uly oglum bilen ortanjy oglum,
Belki, öz günlerin görerler indi.
Iñ kiçim – Hüseýniñ gyzna adaglym,
Musulman atasnyñ tüýs jigerbendi,
Seni kim geýdirer ýüpek-parçalap,
Kim seni Suesde seýil etdirer?
Kim saña iñ soñky teññesin harçlap,
Aglañda şokolad getirip berer.
Nädeýin men, belki, kysmat şeýledir,
Mañlaýyma ýazylandyr şu ölüm.
Duşmanlar topragmy weýran eýleýär.
Ogullam göreşiñ!
Arymy alyñ!
Ýalan bolar diýsem dyza çökýärin,
Emma men mertlikden gelýärin ejiz.

Bütin bedenime sorup çekýärin
Heniz ynsanýete duşmadyk ejir.

Men
irdenem
gezip ýören
ýalydym.
Ýewreý aýallary
duşupdy
ilki.

Soñ bilemok…
Ah, howa ýok…
Ýadadym…

Bu elhenç
wakalar
düýşümdir,
belki.

Ýok!
Düýşe meñzeş däl,
agyr azary,
Çekip-çydamagyñ tapamok tärin.
Pil getiriñ!
Açyñ tizräk mazary!
Me…
Men…
Ýaşa… şamak…
isle… leýärin…

Abdyreşit TAŞOW.

Goşgular